# Magdançylar we mazar gazyjylar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Magdançylar we mazar gazyjylar MAGDANÇYLAR WE MAZAR GAZYJYLAR




*Prigožin köp adamyñ mazaryny gazdy. Geçen iki aýyñ dowamynda bolsa piterli ogul öz mazaryny gazýana meñzeýärdi*

1961-nji ýylda Sankt-Peterburg şäheri uly günä iş etdi. Açgöz garyp çagany dünýä inderdi.

Garyp çaga ir aradan çykan atasyny hiç wagtam bilmedi. Ol baýamak üçin lyža sporty boýunça lotoreýa oýnady, emma kän wagt geçmänkä taşlady. Ýaşlygynda şäheriñ köçelerinde zorluk ulanyp adam talamak sungatyny öwrendi. Şonuñ üçin 80-nji ýyllaryñ köpüsini gözenegiñ añyrsynda geçirdi.

Etmişi açyk we anykdy: ýoldan geçenleri talanda zorluk ulanmak. Şäher onuñ işiniñ gorkunçdygyna düşünmedi.

Çaganyñ elinden gurban bolanlaryñ sanynyñ ummadan çykyp, soñabaka Ginnesiñ rekordlar kitabyna girmegine, skwažina, magdan we mazar hekaýatlary bilen tanalmagyna garaşanokdy.

Dokuz ýyl öñ Piter soñ bir gün sowet ýykylşygyndan masgaraçylykly ýagdaýda çykan Russiýanyñ ykbalyny demir ýumruk bilen dolandyrjak çagany dünýä inderipdi.

Iki adamyñ durmuş ýolunyñ kesişmegine we eriş-argaç bolmagyna

garaşylanokdy.
Muny entek öwrenip geçeris. Ol şeýtanlaryň iň pisi we metbugatyň ýegre dostudy.
Bular hemişe habarlaryň başyny çekip, gazetleriň baş sahypasyny eýeleýärdi.
Garyp-gasarlary, hossarsyz ejiz bendeleri ýatdan çykaryň. Olaryj gürrüň berere nämeleri bar. Gyzyklanma ýa gahar-gazap döredip bilenoklar. Olaryň elinden gan, gözlerinden haram pul akanok. Žurnalistikanyň we ýazyjylygyň biloňurgasy bolan jadyly ösümlikden binesip bendeler.
Okyjynyň ünsüni çekmek üçin gyzyklanma döredip bilýän ýeke adam bes bolýar.
Bu gezek gyzykly adamyň hekaýaty ony döreden, öňüni açan, eden işlerine mukaddeslik röwüşini çaýan başga bir gyzykly adamyň hekaýatyna birikdi.
Tötänlige seretseňizläň: «wagnerçi» general we hakynatutma nöker Ýewgeniý Prigožiniň hekaýaty Staliniň iş otagynda oturýan we adyna Wladimir Putin diýilýän adamyň hekaýaty bilen baglanyşdy duruberdi.
90-njy ýyllarda Prigožin hile we zorluk ulanmak arkaly dargan Sowet Soýuzyndan galan emläklere el uran «gyzyl baronlaryň» baýaýşyny synlady.
Bular täze baýlyklaryň içinde gulaçlap ýüzdüler daş-töwereklerini janpenalardan, ýörite uçarlardan we gözüň ýagyny iýip barýan gyz-gelinlerden doldurdylar.
Şol şäherde Berlin diwarynyň ýakynyndan oýunda utulyp gaýdan Putin Russiýanyň heläkçiligiň, Kommunistik partiýanyň we onuň berk howpsuzlyk mehanizminiň çagşaýyşyna şatlanýanlaryň gäbe garnynyň astynda nähili urunýandygyny görüp otyrdy.
Ýurt taryhy ýeňlişiň labyry astynda ezilýärdi. Kreml ýurduň geljegini däl-de, bulguryny doldurmakdan başga zat oňarmaýan Boris Ýelsin atly ýolbaşçynyň ýalňyş ädimleriniň astynda çaýkanýardy.
Tötänlikler ykballaryň moda dizaýneridir. 2001-nji ýylda Putin myhmany Žak Şiragy Sankt-Peterburgdaky bir restorana äkitdi.
Naharlar diýseň gowy bişirilipdi. Restoranyň hojaýynynyň özüni alyp baryşy aýratyn özüne çekip, işine ezber aşpeziň wepalylyk

duýgusyny oýarýardy.
Bir ýyl geçensoñ Putin ýene şol restorana Jorj Buş bilen gelýär. Prigožin bu amatly pursaty sypdyrjak adam däldi. Uly, çuñ we syrly Russiýadaky iñ uly sylag «rus patyşasynyñ» añyna we ýüregine aralaşyp bildi.
Prigožin gözenegiñ añyrsynda geçiren ýyllaryny ýatdan çykardy, emma ol ýerde öwrenen türme dilini, zalymlyklaryny we gödek gatnaşyk formalaryny ýatdan çykarmady.
Işewüriñ tüýsüne girdi, hojaýyny-da oña çakgan ädimler bilen basgançaklardan ýokary çykmaga mümkinçilik berdi.
Ilki prezidentiñ iýýän naharlaryna seredýän baş aşpez boldy. Soñra goşunyñ azyk üpjünçiligine seretmäge hukuk gazandy.
Hyllygyñy akdyrýan we möhür eýesiniñ razylygy bolmasa alyp bolmaýan işleri we şertnamalary aldy.
2014-nji ýylda Putin uzak wagtlyk ar alyş möwsümini açdy. Krymy ýyljak rus gujagyna dolap aldy. Ukrainada Donbassy durnuksyzlaşdyryp başlady.
Rus goşunynyñ otstawkadaky ofiserleri bilen jeñ, pul, olja gözlegindäki meýletinler ol ýerik eñdi. Prigožin bu mümkinçiligi sypdyrmady.
«Wagner» atly we agzalary rus goşunynyñ ýerine ýetirmekde ýaýdanyp biljek işlerini edip biljek howpsuzlyk kompaniýasy dünýä indi.
Bir ýyldan soñ Putin Siriýada wakalaryñ akymyny üýtgetdi. «Wagneriñ» başlygy YŞYD-a garşy käbir söweşlere gatnaşmak bilen bir hatarda hakyna nebit skwažinalarynyñ goragyny boýnuna aldy.
Oýun göräýmäge düşewüntlidi. Prigožin mundan soñ Afrika gitdi. Magdanlary goramak we şol bir wagtyñ özünde öý eýesi ýurtlara howpsuzlyk hyzmatlaryny hödürleýärdi. Altyny we gymmatbahaly magdanlary gowy görýärdi, adamlary we olara golaýlaşan ýa-da ýoluna çykan islendik kişini öldürmekden gaýtmaýardy.




2018-nji ýylda üç rus žurnalisti «Wagneriñ» Merkezi Afrikadaky oýnaýan rolunyñ syrlaryny ýüze çykarmaga synanşanlarynda, olary şobada maslyga öwrüp taşladylar.

Hakynatutma harbylaryñ hojaýyny rehim-şepagatsyz adamdy. Putin Ukrainadaky urşuny başlanda, ol karýerasynyñ iñ gowy pursatyna ýetdi.
Rus goşuny Kiýewi ýalmap-ýuwtmak üçin öñe süýşdi, emma Kiýew muña garşy durdy, goşun yzynda burugsap ýanýan tanklary taşlap yza tesdi.
Wäşi artist Wladimir Zelenskiý gorkmandy, ol harasatyñ öñünde dik durup, ildeşlerine we dünýä jemgyýetçiligine seslenipdi. Günbataram ýurduñ damarlaryna ýardam akdyrmakdan çekinmedi.
Putin rus topraklaryna gaýdyp gelýän tabytlaryñ sanyndan gorkdy. Modernizasiýasyna ýüz milliardlarça dollar sarp edilen goşun ony lapykeçlige uçratdy.
Inisiatiwanyñ duşmanyñ eline geçmegi ony aljyraññylyga saldy. Şondan soñ ol Prigožine ynam bildirdi. Başgalaryna bermedigini şoña berdi.
Türmelere aýlanyp, ol ýerlerden adam toplamagyna rugsat berdi. Ukrainada alty aý söweşjeklere günä geçişligiñ boljakdygyny söz berdi. Munuñ özi «wagnerçi» leşgerlere goşulmagyñ müñlerçe adamy özüne maýyl etmegini üpjün etdi.
Ukrainanyñ Bahmut şäheriniñ girelgelerinde we tunellerinde urşujylaryñ jesetleri üýşüp başlanda, dünýä Prigožiniñ arlaýan sesini eşitdi.
Rus goşunynyñ komandowaniýesi oña ýarag we beýleki gerekli serişdeleri üpjün etmekde husytlyk edýärdi. Prigožin gorkaklygyñ, korrupsiýanyñ we hyýanatyñ gürrüñini edýärdi. Bu gan deñiziniñ ortasynda şähere zor bilen girende onuñ sesi hasam batlandy. Hakynatutma esgerleriñ ketdesi halkyñ belli bir bölegininñ arasynda gahryman bolupdy. Ýeñiş men-menlige açylan gapydyr, şol bir wagtyñ özünde öz-özüne kast etmegiñem gapysydyr. Men-menlige özüne aldyran «wagnerçi» lider gadagan edilen zolaga girdi.
Putiniñ «ýörite harby operasiýa» diýip atlandyran we aslynda Ikinji jahan urşundan bäri iñ howply çaknyşyk bolan urşa tankydy belliklerini etdi.
Prigožin hamana Putini Bahmut lagnaty bilen taryha girmekden halas eden biri ýaly bolup hereket etdi. Goşuny we komandowaniýäni gurşap alan halkany deşdi. Kremli we onuñ hojaýynyny gurşap alan halkada hem gädik açdy. Ol özüni hemme zada serenjam berip biljek ýa-da esasy hyzmatdaş hasaplanýan biri ýaly gürleýärdi.
Hatda işi görkezmelere boýun egmezlik, gozgalañ turuzmak we

Moskwanyň üstüne gaýtmak derejesine çenli ýetirdi.
Günbatar mediýasynda ýaýradylan wideogörnüşler uly agdarlyşygyň arhitektoryny ýaralapdy. Ol dönüklikden söz açýardy we dönükligiň jezasy-da bellidi: Prigožiniň birnäçe gezek edişi we öwnüşi ýaly dönügiň kellesine çekiç bilen urmak.
«Wagneriň» kellesiniň kesilmegi ony öldürmez, gaýtam täzeden boýunturyk astyna girmegini ýola goýar.
Mundan soň «Wagner» hökman başgaça hereket eder. Her ýolbaşçynyň özüne mahsus iş stili we çekiji bolýar.
Esasy zat dowam edip duran açyk uruşdyr. Ukrainanyň özi-de urşuň çekijiniň astynda ölüp biler. Bedeninden bir parça goparylybam bilner.
Uzaga çeken ýagdaýynda uruş çekiji Russiýanyň özüni-de urup biler.
Hytaýyň Sowet Soýuzynyň ornuny eýelän dünýäsinde Russiýa Pekine daýanan regional güýje öwrülip biler.
Prigožin köp adamyň mazaryny gazdy. Geçen iki aýyň dowamynda bolsa piterli ogul öz mazaryny gazýana meňzeýärdi.
Gassan ŞERBIL,
«Şarku’l Avsat» gazetiniň baş redaktory.

Sişenbe, 29.08.2023 ý. Publisistika